# Säher

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Säher SÄHER




***Halyl Kulyýewe***
Dañ agarýar gadym endigi bilen,
Ýüzi ýagty, ýürek maksady aýan.
Tebigata berip säher salamyn
Öz öýümden her gün işe ugraýan. –

Öñden çykýar hoşniýetli adamlar,
Ganat berýär hoşniýetli köñüller.
Ak sähere toý şatlygyn seçip dur
Ýigitleriñ bagty ýaly ter güller.

Bu säher şeýle bir jak-jaklap gülseñ,
Dag-düzler, sähralar ýañlansa gitse!
Ýa-da gygyryplar aglasa birdem,

Ýürekde hasratlar soňlansa gitse!

Emma gaty tolgunamok, aglamok,
Çünki säherlerde adatylyk bar. –
Ýaşyl otlaň jemalyna baglanyp,
Şol bir heňin gaýtalaýar bulaklar…

Bu säher birini bagt bolup öper.
Kime hasrat berer… (Bilýän deň dälin) –
Bu säher biriniň doglan günüdir,
Ýogalan günüdir ýa bir bendäniň…

Tükenmez oýlary hyýala öwrüp,
Gozgaman hiç kimiň ýürekde derdin,
Tylla Güneşimi ýüzüme sylyp,
Işime ugraýan ýylgyryp her gün.

Döwlet ANNAMYRADOW.

«Sowet edebiýaty» žurnaly, 1987 ý. Goşgular